TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döwletlilik, berkararlyk, agzybirlik hakyndaky arzuwlary bu günki bagtyýarlyk döwrümizde hasyl boldy.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi 8 sahypa | 2024 | Maý | #3/29

# SÖZ SUNGATYNA SARPA



**M**aý aýynyň ikinji ongünlüginde ýurdumyzda geçirilen çäreler giň gerimliligi, halkara ähmiýetliligi bilen has-da tapawutlandy. Medeniýet ministrleri derejesinde geçirilen halkara maslahat dünýä ýurtlarynda Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýuny has-da belent derejede dabaralandyrmak boýunça pikir alyşmak üçin amatly meýdança boldy. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahat bolsa beýik nusgawy şahyrymyz hakda soňky ýyllarda alnyp barlan ylmy-barlag işleriniň netijeleri bilen tanyşmaga we bu ugurda tejribe alyşmaga mümkinçilik döretdi. Şol günlerde ýurdumyzyň wekiliýeti Magtymguly Pyragynyň we Döwletmämmet Azadynyň baky aram tapan ýerine — Eýran Yslam Respublikasynyň Aktokaý obasyna zyýarata hem gitdi.

Paýtagtymyzyň günorta künjeginde, Köpetdagyň eteginde döredilen 60 metr beýiklikdäki täze ýadygärlik Magtymguly Pyragynyň söz meýdanyndaky ägirt uly ornuny heýkeltaraşlyk nukdaýnazaryndan özünde şöhlelendirýän gaýtalanmajak eser boldy. 2 müň 552 bölekden, 860 tonna bürünçden ybarat ýadygärlik dünýä binagärliginde söz sungatyna, şahyra bagyşlanan iň beýik binadyr. Munuň özi halkymyzyň öz Magtymgulusyna nähili belent derejede hormat goýýandygyny görkezýär. Onuň gurluşygynyň gysga wagtda ýerine ýetirilendigini, ýaş heýkeltaraşlarymyz üçin tejribe mekdebi bolandygyny hem aýratyn nygtamalydyrys.

Nesilleriň buýsanjyna, baş şäherimiziň ýene-de bir ajaýyp binagärlik nyşanyna öwrülen ýadygärligiň hem-de medeni-seýilgäh toplumynyň Magtymgulynyň muşdaklary üçin iň gelim-gidimli ýere öwrüljekdigine ynanýaryn. Bu ýerde öçmez-ýitmez eserleri bilen dünýä medeniýetinde uly yz galdyran beýik şahsyýetleriň hem heýkelleriniň oturdylmagy has-da ýerine düşdi. Bu Magtymguly Pyragynyň parahatçylygyň, dost-doganlygyň, ynsanperwer gatnaşyklaryň waspçysy hökmünde abraýyny belende galdyrýar.

Bu günki günde türkmen halky öz beýik ogly Magtymgulynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýuny şanly wakalara, uly işlere besleýär. Serinden dumany gitmez daglaryň gerşinde erkinlik, agzybirlik, ynsanperwerlik ýaly baky gymmatlyklar hakda oý-hyýallara gaplanan Magtymguly atamyzyň belent heýkeliniň, dünýäniň döredijilik ägirtlerini öz gujagynda jemlän medeni-seýilgäh toplumynyň açylyş dabarasy deňi-taýy bolmadyk baýramçylyk öwüşgini bilen göreni haýrana goýdy. Söz sungatyna halklary parahatçylyga, dost-doganlyga çagyrýan, ynsanperwerligi ündeýän iň uly güýç hökmünde baha berip, şeýle ägirt uly binagärlik taslamalarynda türkmen paýhasyny, aňyýetini, ruhuny ebedileşdirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

Gündogar edebiýatynda, filosofiýasynda möhüm orun eýeleýän akyldar şahyryň belent başly heýkeli we adybir medeni-seýilgäh toplumy ýurdumyzyň döredijilik ulgamynyň häzirki hem-de geljekki nesilleriniň ylham çeşmesine öwrüler. Bu ýerde Magtymguly Pyragynyň şygyr hem paýhas bagynda saýalan, ondan ylham alan her bir döredijilik adamynyň täze joşgunly eserleri döretjekdigi anyk. Toplumda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary kalby ylhamly talyp ýaşlar bilen halypa ýazyjy-şahyrlaryň arasynda giň gerimli döredijilik duşuşyklaryny, edebiýat agşamlaryny guramaga aýratyn ähmiýet berýärler.

«Magtymguly» atly kitabyň şol taryhy günde okyjylara gowuşmagy has-da çuňňur many-mazmuna eýedir. Täze kämil diwan şygyr çeşmesi deýin Magtymgula teşne müňlerçe ýüreklere barar. Magtymguly Pyragynyň eserleri dürli döwürlerde golýazma görnüşinde, daşbasma, litografiýa, poligrafiýa çap usullarynda okyjylara ýetirilipdir we höwes bilen okalýan kitaplaryň biri bolupdyr. Söz ussadynyň şanly toýuna bagyşlanyp, Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilen şygyrlar ýygyndysy ýokary hilliligi, özboluşly bezegleri bilen has-da uly täsir galdyrýar. Halk paýhasyny çeper dilde halka sünnäläp beren şahyryň bu sowgatlyk kitabynda edep-terbiýe, ylym-bilim, ahlak, ynsanperwerlik, dost-doganlyk, mertlik, gahrymançylyk, watançylyk, milli döwletlilik barada filosofiki garaýyşlary beýan edýän, türkmen tebigatynyň waspyny belentden ýetirýän şygyrlar orun alypdyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen çapdan çykan bu ýygyndy giň okyjylar köpçüligine ajaýyp sowgat boldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Gazetiň şu sanynda

Uniwersitetiň taryhyndan
— Magtymguly Pyraga bagyşlanan ilkinji muzeý 3

Akyldaryň döredijiligine salgylanyp...
— Magtymgulynyň döredijiliginde toponimler 4

Söz — uçurymdan
— Uniwersitete salam aýdyň! 7

Tehniki ösüşler
— Durmuşy ýeňilleşdirýän tehnologiýalar 8

# Täzelikler

## Döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileri Magtymguly Pyragynyň dogduk mekanynda sylaglanyldy

11-nji maýda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi hem-de «Nesil» gazetiniň redaksiýasy tarapyndan bilelikde ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda yglan edilen «Berkarar döwletiň ylham joşguny» atly bäsleşiginiň ýeňijilerine sowgat gowşurylyş dabarasy boldy. Oňa ýazyjy-şahyrlar, medeniýet we sungat işgärleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem-de ýerli ýaşaýjylar gatnaşdylar. Ýeňijiler Hormat hatydyr ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglandy. Goşgy, hekaýa, oýlanma ýazmak boýunça geçirilen döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileriniň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyplary Toýly Muhammetdurdyýew, Amandursun Annanazarowa, Parahat Batyrow, taryh fakultetiniň talyby Zyýada Ýusubowa hem bar.



Günüň ikinji ýarymynda dabara gatnaşyjylar Magtymguly etrabynyň Gerkez obasyna baryp gördüler. Bu ýerde Magtymguly Pyraga bagyşlanyp, 1983-nji ýylda döredilen muzeýe guralan gezelenç örän gyzykly häsiýete eýe boldy. Muzeýdäki gymmatlyklar, hususan-da, akyldar şahyrymyzyň hut özüniň uýasy Zübeýda üçin Hindistandan sowgat getiren çaýnegi hem-de Meňli gyza niýetläp ýasan ýüzügi, söz ussadynyň eserleriniň dürli ýyllardaky golýazmalary, daşbasma nusgalary aýratyn ünsi çekdi. Welaýatyň medeniýet we sungat ussatlarynyň guran konsertidir sergisi, döredijilik duşuşyklary ýaşlara täsirli pursatlary bagyş etdi. Ýerine ýetirilen aýdym-sazly çykyşlar bu ýere gelenlere ruhy lezzet paýlady.

## ÝUNESKO-nyň çäginde Magtymguly Pyragyny öwrenmek boýunça maslahat

15-nji maýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasynyň guramagynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly hem-de Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Magtymguly Pyragynyň döredijiligi – umumadamzat mirasy» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Oňa ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary, Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rustemowa, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, aspirantlar, hünärmenler, ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň işjeň agzalary, talyp ýaşlar gatnaşdylar. Şeýle-de maslahatyň işine sanly ulgam arkaly Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň, Türkmen oba hojalyk institutynyň hem-de Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň professor-mugallymlarydyr talyplary gatnaşdylar.

Ylmy-amaly maslahat umumy mejlisde, «Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmek hem-de dünýä ýaýmak boýunça taýsyz tagallalary», «Türkmenistan – ÝUNESKO: Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ynsanperwerligiň, watansöýüjiligiň, agzybirligiň nusgasy», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň öwrenilmeginiň ylmy ugurlary», «Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň belent edep-terbiýe ähmiýeti», «Akyldar şahyryň döredijiligi – türkmen durmuşynyň aýnasy» atly bölümleriň 5-isinde alnyp baryldy.




Maslahat bilen ugurdaşlykda uniwersitetiň eýwanynda alym Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň kitaplarynyň, Magtymguly Pyragynyň türkmen we daşary ýurt dillerinde neşir edilen goşgularynyň ýygyndylarynyň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisi guraldy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz we dutarçylar toparlarynyň aýdym-sazlary, talyplar tarapyndan ýerine ýetirilen edebi-sazly kompozisiýa maslahata özboluşly öwüşgin berdi.

## Arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň hepdeligi geçirildi



13 – 17-nji maý aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň «Geçmiş – geljege badalga» atly hepdeligi geçirildi. Oňa ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlary, talyplar işjeň gatnaşdylar.

Ýokary guramaçylyga hem-de ruhubelentlige beslenen hepdelik mynasybetli degişli kafedrasynyň okuw otaglarynyň zolagy talyplar tarapyndan taýýarlanan taryhy kompozisiýalar, diwarlyklar, taslamalar bilen bezeldi.

Hepdeligiň açylyş dabarasynda aýdym-sazlar, taryhy wakalary janlandyrýan sahnalar, degişmeler, goşgular ýerine ýetirildi.

«Öz ülkämiň taryhy» zehin bäsleşigi, «Beýik halkyň taryhy beýikdir» akyl giňişligi bäsleşigi hem talyplarda uly gyzyklanma döretdi. Paýtagtymyzyň golaýyndaky taryhy-medeni ýadygärliklere guralan gezelençler hem netijeli häsiýete eýe boldy.

Talyplaryň arasynda geçirilen «Gülmek ömürdendir!» atly gülküli sahnalary taýýarlamak bäsleşigi-de şadyýan, şahandaz ýaşlary bir ýerde jemledi.

Änew şäheriniň şu ýyl «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly, akyldar şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli guralan hepdeligiň ýapylyş dabarasy hem özboluşly çykyşlar bilen jemlendi.

## Türkmenistanyň taryhy boýunça ders bäsleşiginiň ýeňijileri kesgitlenildi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda Türkmenistanyň taryhy boýunça ders bäsleşigi geçirildi. Ýokary okuw mekdebi tarapyndan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly mynasybetli guralan bäsleşige paýtagtymyzyň we Arkadag şäheriniň hem-de welaýatlaryň umumybilim berýän mekdeplerinden 10-11-nji synp okuwçylary gatnaşdylar.



Bäsleşigiň esasy maksady okuwçylarda Türkmenistanyň taryhy dersine höwes döretmekde sanly ulgamyň mümkinçiliklerini ulanmakdan, türkmen halkynyň baý medeni mirasyna, şöhratly geçmişine söýgi döretmekden, taryhy maglumatlary, belli seneleri özleşdirip başarmak ukybyny ýüze çykarmakdan, olaryň bu ugurdaky düşünjeleri bilen tanyşmakdan, orta we ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan, mekdep okuwçylaryny hünäre ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Onlaýn görnüşde geçirilen ders bäsleşigine gatnaşyjylara degişli ders boýunça umumy soraglary çözmek üçin 60 minut wagt berildi. Eminler topary jogap berlen sowalnamalary adalatly bahalandyryp, ýeňijileri yglan etdiler. Şeýlelikde, şu aşakdakylar Türkmenistanyň taryhy boýunça geçirilen ders bäsleşiginiň ýeňijileri boldy:

**10-njy synp:**

1. Şöhradowa Selbi - Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň 18-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, I orun;
2. Ýagmyrowa Bägül - Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 40-njy orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, II orun;
3. Gurbangeldiýewa Altyn - Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň 35-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, II orun;
4. Geldisaparow Kowus - Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, III orun;
5. Şamyradow Hojanazar - Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň 19-njy orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, III orun;
6. Rüstemmyradowa Ogulgerek - Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň 29-njy orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, III orun .

**11-nji synp:**

1. Altyýew Hydyr - Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Daşoguz şäherindäki Alp Arslan adyndaky 2-nji ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, I orun;
2. Döwletow Atajan - Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
3. Ýakubow Muhammetmyrat - Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 40-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
4. Eminowa Jennet - Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 41-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
5. Babaýew Gulmyrat - Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 27-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun.

**11-nji synp (12 ýyllyk)**

1. Annanazarowa Çeper - Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň 35-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, I orun;
2. Kuwwatgeldiýewa Eneş - Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň 18-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
3. Annagurbanow Muhammetaly - Mary şäheriniň 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
4. Çaryýewa Şeker - Mary welaýatynyň Mary etrabynyň 16-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
5. Gylyjowa Oguljemal - Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 12-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
6. Begenjow Daýanç - Daşoguz şäherindäki ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
7. Myradow Agamergen - Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 40-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
8. Otuzow Selim - Daşoguz şäherindäki ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun.

## Türkmen dili we edebiýaty boýunça ders bäsleşiginiň jemi jemlendi

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda türkmen dili we edebiýaty boýunça ders bäsleşigi geçirildi. Ýokary okuw mekdebi tarapyndan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly mynasybetli guralan bäsleşige paýtagtymyzyň we Arkadag şäheriniň hem-de welaýatlaryň umumybilim berýän mekdepleriniň 10-11-nji synp okuwçylary gatnaşdylar.

Bäsleşigiň esasy maksady okuwçylarda türkmen dili we edebiýaty dersine höwes döretmekde sanly ulgamyň mümkinçiliklerini ulanmakdan, ýaşlaryň sözleýiş endiklerini we başarnyklaryny ösdürmäge, kämilleşdirmäge ýardam bermekden, häzirki zaman türkmen dil bilimine degişli ylmy-amaly meseleleri derňemäge ukyply zehinleri ýetişdirmekden, orta we ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan, mekdep okuwçylaryny hünäre ugrukdyrmakdan ybaratdyr.

Onlaýn görnüşde geçirilen ders bäsleşigine gatnaşyjylara degişli ders boýunça umumy soraglary çözmek üçin 60 minut wagt berildi. Eminler topary jogap berlen sowalnamalary adalatly bahalandyryp, ýeňijileri yglan etdiler. Şeýlelikde, şu aşakdakylar türkmen dili we edebiýaty boýunça geçirilen ders bäsleşiginiň ýeňijileri boldy:

**10-njy synp:**

1. Mametnazarowa Bägül - Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň 86-njy orta mekdebiniň 10-nji synp okuwçysy, I orun;
2. Şöhradowa Mähri - Aşgabat şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 10-njy synp okuwçysy, II orun;
3. Nazarowa Güljeren - Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň 17-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, II orun;
4. Gutlyýewa Nurgözel - Aşgabat şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 10-njy synp okuwçysy, III orun;
5. Saparmyradowa Leýli - Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 26-njy orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, III orun;
6. Gulmedowa Mährijemal - Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 26-njy orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy, III orun.

**11-nji synp:**



1. Bekgylyjowa Bägül - Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäheriniň takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, I orun;
2. Almazowa Tumar - Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň 4-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
3. Gaýypowa Eneş - Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 26--njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
4. Şamyradowa Gurbanjemal - Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäheriniň 26-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
5. Atageldiýewa Maýsa - Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň 55-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
6. Narbaýewa Dilber - Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň ýöriteleşdirilen 55-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
7. Geldiýewa Täzegül - Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäheriniň takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun.

**11-nji synp (12 ýyllyk):**

1. Garýagdagyýewa Gülşat - Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň 7-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, I orun;
2. Şyhnyýazowa Mähri - Aşgabat şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
3. Şirmedowa Suraý - Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynyň ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, II orun;
4. Merjen Nuryýewa - Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 16-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
5. Orazmyradow Serdar - Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň 81-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy, III orun;
6. Artykowa Leýli - Aşgabat şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy, III orun.

## «Magtymguly Pyragy – köňülleriň şamçyragy» atly makala ýazmak bäsleşiginiň jemi jemlendi

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan 2024-nji «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – köňülleriň şamçyragy» atly makala ýazmak boýunça geçirilen bäsleşigi geçirildi. Bäsleşik I we II derejede geçirildi. Bäsleşige I dereje boýunça žurnalistika hünäriniň talyplary, II dereje boýunça bolsa beýleki hünärdäki talyplar gatnaşdylar.

Geçirilen bäsleşigiň netijesini ýörite düzülen eminler toparynyň karary esasynda «Magtymguly Pyragy – köňülleriň şamçyragy» atly makala ýazmak boýunça geçirilen bäsleşiginiň netijesi esasynda, şu aşakdakylar ýeňijiler diýip yglan edildi.

**I dereje boýunça:**

1. Gülnar Geldimyradowa – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby, I orun;

1. Gurbanmyrat Aşyrow - Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby, II orun;
2. Toýly Muhammetdurdyýew - Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby, II orun;

1. Agabaý Akmyradow - Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetiniň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby, III orun;
2. Ogulgerek Muhammetmyradowa - Halkara Ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalisika hünäriniň talyby, III orun;
3. Gyzylgül Amanlyýewa - Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň talyby, III orun.

**II dereje boýunça:**

1. Begenç Amaşow - Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetiniň talyby, I orun;

1. Annabeg Aýmakowa - Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Gündogar dilleri we edebiýaty fakultetiniň Türkmen dilini okatmagyň usulyýeti hünäriniň talyby, II orun;
2. Sahydöwlet Hümmetjumaýew - Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň talyby, II orun;
3. Muhammetnur Mahtumow - Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyby, II orun;
4. Käbe Sarenko - Türkmen döwlet medeniýet institutynyň «Teatr sungaty» fakultetiniň talyby, II orun;
5. Mähri Alymowa - Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň Pedagogika fakultetiniň talyby, II orun;

1. Aýna Geldimyradowa - Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby, III orun;
2. Ymammuhammet Seýidow - Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Ykdysadyýet we dolandyryş fakultetiniň talyby, III orun;
3. Batyr Ilamanow - Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň talyby, III orun;
4. Gurbangeldi Maşadow - Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk kesel bejeriş fakultetiniň talyby, III orun;
5. Döwletgeldi Töräýew - Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby, III orun;
6. Hoşgeldi Paýzyýew - Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyby, III orun.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna

# MAGTYMGULY PYRAGA BAGYŞLANAN ILKINJI MUZEÝ

***Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň toý-dabaralary ilden-ile ýaýylyp, dilden-dile nagyş bolýar. Şahyryň iline bagyş eden altyn setirleri ýüreklerde ebedi orun alýar. Arzuw eden ajap eýýamynda akyldar şahyryň goşgularynyň gadyr-gymmaty iň belent derejä ýetdi. Türkmeniň beýik oglunyň adyny ebedileşdirmek, döredijiligini ählitaraplaýyn öwrenmek, dünýäde giňden wagyz etmek, şanly ýubileý senelerini ýokary derejede bellemek maksady bilen, geçen asyryň ortalaryndan başlap, häzirki wagta çenli ençeme işleriň ýerine ýetirilendigine taryhy maglumatlar şaýat. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolsa şeýle işler many-mazmun taýdan has-da baýlaşyp, köpöwüşginliligi bilen tapawutlanýar. Şular ýaly döwletli tutumlaryň arasynda söz ussadynyň adyny göterýän we oňa bagyşlanan muzeýlere aýratyn orun degişlidir.***

Türkmen halkynyň akyldar şahyrynyň 225 ýyllyk ýubileýi mynasybetli, geçen asyryň ellinji ýyllarynda durmuşa geçirilen iň agramly işleriň biri onuň ömrüne we döredijiligine degişli ilkinji muzeýi döretmek bilen baglanyşyklydyr. Bu iş häzirki döwürde Magtymguly



Pyragynyň adyny buýsanç bilen göterýän Türkmen döwlet uniwersitetinde amala aşyrylypdy. Şol ýyllarda beýik şahyryň ýubileýi mynasybetli onuň kanoniki (nusgawy) portreti döredilýär, obadyr köçelere, kolhozlara, dürli edaralara ady dakylýar, eserleri ençeme dilde çap edilýär. Oňa bagyşlanyp döredilen edebi-çeper eserler, sahna oýunlary hem halk tarapyndan gyzgyn garşylanýar. Şolar bilen baglanyşykly, uniwersitetde guralan çeper sergide toplanan eksponatlaryň, gymmatlyklaryň binýadynda muzeý döretmek pikiri ýüze çykýar. Jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda dörän muzeý barha baýlaşýar we kämilleşýär. Netijede, watandaşlarymyz bu ýerde Magtymguly muzeýiniň döredilendigini eşidip, türkmen Diýarynyň dürli künjeklerinden akyldar şahyra degişli tapan maglumatlarydyr gymmatlyklaryny iberýärler. Daşoguzly Abdylla Seýidow, uniwersitetiň mugallymlary Mäti Kösäýew, Gurban Sopyýew, Baýmuhammet Garryýew muzeýe has gadymy golýazmalaryň nusgalaryny sowgat berýärler. Şonda professor Mäti Kösäýewiň «Edebiýat barada söhbet» atly kitabynda belleýşi ýaly, Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplarydyr mugallymlary öz güýçleri bilen Magtymguly Pyragynyň muzeýini döredýärler. Bu muzeý özüne myhman bolýanlary şahyryň durmuşy, nebereleri, okan hem syýahat eden ýerleri hem-de eserleri bilen içgin tanyşdyrýar.

Beýik şahyra bagyşlanan ilkinji muzeý tiz wagtda meşhurlyk gazanypdy. Oňa gelýän myhmanlaryň sany-da, geografiýasynyň dürlüligi-de artmak bilen bolupdy. Akyldar şahyrymyzyň 225 ýyllyk ýubileýi mynasybetli döredilen muzeý, ine, onuň 300 ýyllyk toýunda hem myhmanlara gapysyny giňden açyp otyr. Ondaky gymmatlyklar ýyl-ýyldan artyp, sergi ekspozisiýasy gabarasyny has-da giňeltdi. 2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň uniwersitetiň täze okuw binasyny açyp ulanmaga bermegi bilen, Magtymguly muzeýi hem bu ýerde ýerleşdirildi.



Muzeý bilen tanyşmak Magtymguly atamyzyň dünýäsine gaýybana syýahat etmek bilen deň. Bu ýerde üç asyra golaý wagtyň ençeme maglumatlarydyr edebi hazynasynyň bir ýerde jemlenendigine haýran galýarsyň. Hakykatdan hem, döredilenine 70 ýyl dolan muzeý türkmenkybap durmuşyň ruhuny berip dur. Onda-da has gyzykly. Onuň dergähine gadam basanyňdan, türkmeniň ak öýüniň içki bezegleri esasynda haşamlanan diwarlaryň, sütünleriň ajaýyp gözelligi bilen ýüzleşýärsiň. Sagyňa syn edersiň welin, ilki türkmeniň ak öýüniň, Hywadaky Şirgazy medresesiniň kiçeldilen şekil taslamasy bilen tanşarsyň. Diwardaky kartada bolsa jahankeşde şahyrymyzyň baran-gören ýurtlary we olaryň salgylary sadadan düşnükli görkezilipdir.

Türkmen halkynyň durmuşyna, etnografiýasyna, däp-dessurlaryna degişli hojalyk esbaplary, şaý-sepler, senetçilik önümleri hem örän gadymy häsiýete eýe. Ondan soňra daşbasma neşirleriň nusgalaryna, golýazmalara gezek ýeter. Olaryň bir çetinde Britan muzeýinde saklanýan golýazmanyň fotonusgasy ýerleşdirilipdir. Magtymguly atamyzyň hut öz ýazuwydyr diýlip çaklanylýan ýazgylaryň hem şeýle nusgalary has-da özüne çekýär. Soňky bir asyra golaý wagtyň dowamynda onlarça dillerde çap edilen diwanlary, şahyryň döredijiligi bilen bagly ylmy kitaplaryň, makalalar ýygyndylarynyň, edebi, teatral, döredijilik eserleriniň hem ýüzlerçesi aýratyn bir burça öwüşgin berýär. Şejere daragtynyň çyzgysynda bolsa Magtymgulular neberesine töwerekleýin seljerme berlipdir. Bularyň ählisi uniwersitetiň magtymgulyşynaslarynyň köpýyllyk yhlasly zähmetiniň miwesidir.

Garaşsyzlyk eýýamynda her ýyl Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününiň bellenilmegi aýratyn waka, ählihalk baýramçylygy ruhunda ýokary derejä eýe bolýar. Onuň ýubileý seneleri bolsa aýratyn öwüşgine beslenýär. Dürli ýyllarda şeýle şanly seneler mynasybetli çykarylan pul banknotlarynda, şaýy teňňelerde, bezeg, ýadygärlik, sowgatlyk önümlerinde, poçta markalarynda hem akyldar şahyryň keşbi özboluşly häsiýetde beýan edilipdir. Söz ussadynyň Eýran Yslam Respublikasynyň Aktokaý obasynda ýerleşýän guburynyň üstünden getirilen toprak hem aýratyn bir mukaddeslik, gymmatlyk hökmünde muzeýde saklanylýar.

Döredileniniň deslapky ýyllarynda muzeýe zähmet weterany Aşyr Kakabaýew, Türkmenistanyň Gahrymany Sapyş Çerkezow medeni mirasyň gymmatlyklaryny, Ene Hydyrowanyň, Otaga Babaýewanyň çyzgylary esasynda halyçylar Gerek Çaryýewadyr Maýa Nazarowa dagy ussadyň keşbi şekillendirilen halyny dokap, sowgat beripdirler. Suratkeşler Aýhan Hajyýewiň, Ýakup Annanurowyň, Nury Hojamuhammedowyň, I.Ilyiniň, heýkeltaraşlar A.Abramowyň, A.Şetiniň eserleri hem bu ýere özboluşly görk goşýar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Araznepes Mämmetjumaýew:

— Bu taryhy-medeni ojak ençeme ýyldan bäri onlarça magtymgulyşynas alymlaryň «gözüniň açylmagyna», mukaddes ýola rowana bolmagyna ilkinji sebäpdir diýip, arkaýyn aýdyp bolar. Magtymguly atamyz hakda köp sanly rowaýatdyr maglumatlary toplan, eserleri boýunça ylmy gözlegleri alyp baran talyplardyr mugallymlar üçin bu ýer mukaddes ojakdyr. Şu günler hem muzeýiň işi barha rowaçlanýar. Professor-mugallymlar we talyplar Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmek boýunça täze gözýetimleri açyp, olaryň esasynda muzeýi täze gymmatlyklar bilen baýlaşdyrýarlar. Söz ussadynyň döredijiligi barada ýyllyk we diplom



işlerini ýazmakda muzeý maglumatlar çeşmesine öwrülýär — diýip, muzeýiň ylmy-jemgyýetçilik ähmiýeti we ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdebindäki orny hakda gürrüň berdi.

Hawa, Magtymguly Pyraga bagyşlanan muzeýler oňa düşünmegiň gymmatly çeşmesi, maglumatlar gory, täsinlikleriň meýdançasydyr. Häzirki wagtda olaryň sany birnäçe. Has anygy, akyldar şahyryň adyny göterýän muzeýleriň iň ulusy we döwrebaby Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezinde Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen 2015-nji ýylda täze açyldy. Dana şahyryň önüp-ösen Gerkez obasynda 1983-nji ýylda döredilen muzeý hem özboluşly gymmatlyklary bilen tapawutlanýar. Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň Hywa şäherindäki Şirgazy medresesiniň ýadygärlikler toplumynda, Russiýa Federasiýasynyň Astrahan sebitiniň Funtowo obasyndaky Magtymguly muzeýleri hem söz ussadynyň adynyň şan-şöhratyny dünýä ýaýýar. Gündogaryň beýik akyldarynyň we nusgawy şahyrynyň döredijiligine, türkmen halkynyň baý medeni we edebi mirasyna degişli gymmatlyklaryň «janly goraghanasyna» çalym edýän Magtymguly muzeýi söz ussadynyň adyny göterýän ýokary okuw mekdebiniň-de buýsanjydyr.

**Toýly MUHAMMETDURDYÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň V ýyl talyby.**

## Akyldaryň döredijiligine salgylanyp...

*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TOPONIMLER




**Häzirki** wagtda akyldar şahyrymyzyň şygyrlary dürli tarapdan derňelýär, öwrenilýär. Magtymguly Pyraga haýsy sorag bilen ýüzlenseň, jogap tapmak mümkin. Şahyryň eserlerini okanymyzda, biz onuň öz asyryndan öňki asyrlarda ýazylan gaty köp kitaplary okap-özleşdirendigine göz ýetirdik. XVIII asyrda ýaşan beýleki şahyrlara terbiýe mekdebi bolan söz ussadymyzyň gözýetiminiň olaryňkydan has ýokarydygyny Pyragynyň döredijiligindäki toponimlere ser salanymyzda hem aýdyň duýulýar. Magtymguly Pyragynyň «Saýlanan eserler» ýygyndysynda Gürgen, Ýezd, Kerman, Hindistan, Turan, Mazanderan, Bagdat, Arkaç, Eýran, Pereň, Rum, Arabystan, Türküstan, Gürjüstan, Badahşan, Samarkant, Maşryk, Yrak, Dagystan, Pars, Käbe, Mekge, Hebeş, Buhara, Şähri-Ýemen, Behişt Erem, Çyn-Maçyn, Horezm, Beýtulla, Dehistan, Töwriz, Dymaşk, Magryp, Damegan, Halap, Kaýsar, Owganystan, Hotan, Bulgar, Şam, Harem, Gypjak, Gubbatylyslam, Isa şähri, Nejep, Arzy-Kars, Kerbela, Kengan, Müsür, Bedr, Seýram, Lebap, Hywa, Ahal, Yspyhan, Horasan, Şamy-şerif, Jenup, Turşiz, Hyrat, Gyrgyz, Nowşah mülki, Şirwan ýaly toponimlere, Bahry-Hazar, Etrek, Gulzum, Nil, Jeýhun, Aby-Köwser, Zemzem çeşmesi, Mejmagyl-Bahreýn gidronimlerine, Soňudag, Hasar dagy, Temete, Gyzylbaýyr, Naýbadaý, Sapa, Merwe dagy, Balkan dagy, Tur dagy, Nejt dagy ýaly oronimlere, umuman alnanda, 80-den gowrak ýer-ýurt atlaryna duşmak bolýar. Şu ýerde akyldaryň diňe bir olaryň atlaryny agzap geçmän, her geografik adyň bir, birnäçe aýratynlygyny şygyrlarynda beýan edendigini bellemelidiris. Meselem: «Aly siziňdir» şygryndan:

**Dükan käni – Jahangiriň almazy,**
**Badahşan magdany – lagly siziňdir.**

Bu ýer Owganystanyň demirgazyk-gündogarynda, Pakistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň töwereginde, Orta Aziýada ýerleşýän bir daglyk ýer bolup, Badahşanyň lagly bütin Gündogar ýurtlarynda örän meşhur bolupdyr. Ýa-da «Zarlar içinde», «Gözel sen» şygyrlarynda Yspyhan şäheriniň ýaýy hakynda gürrüň edilip, şol ýeriniň ýaýlarynyň deňsiz-taýsyzdygyny äşgär edýär. Biz muny Göroglynyň ýaýyndan hem bilýäris.

**Kime nesip etdi Yspyhan ýaýyň...**

***

**Yspyhanda gurlan ýaýy, gözel sen.**

***

**Bagdatda gyş bolmaz, Gyrgyzda tomus,**
**Bulgaryň şähriniň ýassysy bolmaz.**

Gyrgyz-Aziýada bir döwlet, demirgazykda Gazagystan, günbatarda Özbegistan, günortada Täjigistan, günorta-gündogarda Hytaý bilen serhetleşýär. Şu şygyrdan başga-da, «Ýaryň ýagşysyn» şygrynda «Hindige bagş etdiň ýeriň ýagşysyn» diýýän söz ussadymyzyň ulanan geografik atlarynyň klimaty, ýerleşişi barada kämil derejedäki maglumatlary bilendigine göz ýetirmek bolýar.

***

Bulgar-1. Wolga derýasynyň orta akymynda bolan orta asyr Bulgar ýurdunyň merkezi. 2. Wolga-Kama derýalarynyň kenarlarynda, Bulgar ýurdunda ýaşan türki kowumlaryň biriniň ady. IX–X asyrlarda olaryň feodal döwleti bolup, öz döwründe ösen ykdysadyýeti bar eken. XIII asyrda olaryň ýurduny mongollar basyp alanlaryndan soň, olar tatar, çuwaş we ş.m. halklar bilen garyşyp gidýärler. Şu setirlerden biz şahyryň Bulgar ýurdunyň tebigatyndan, gije-gündiz bilen baglanyşykly maglumatlaryndan, astronomiýa ylmyndan habarlydygyna şaýat bolýarys.

***

**«Bady-sabany görsem»:**
**Dehistanyň baýrynda,**
**Bady-sabany görsem.**

Dehistan-Hazar deňziniň gündogar kenarynda, häzirki Esenguly we Etrek etraplarynyň çäklerine girýän gadymy bir welaýatyň we ýeriň ady (Häzir Maşady-Misserian). «Dehistan» ýa-da «Dahystan» sözüniň gelip çykyşyny alymlar türkmenleriň irki kowumlary bolan dahlaryň ady bilen baglanyşdyryp, «dahlaryň ýurdy» diýen manyny aňladýandygyny tassyklaýarlar. Bir zamanlar öz gözelligi bilen haýran galdyran bu şäheriň galyndylaryny öz döwründe türkmen poeziýasynyň ussady, beýik Magtymguly akyldar hem synlapdyr. Şahyryň şygyrlarynda şäheriň ady ençeme gezek getirilýär. Häzirki zamanda ýaşaýyş-durmuşdan, gür ilatly mekanlardan çetde ýerleşýän bu gadymy şäher suwsuz, gurak sähranyň şemalyna diň salyp, dymyp otyr Dehistan orta asyr awtorlarynyň ýatlaýan Daý ýurdy bolmagy mümkin diýip, taryhçy alymlar çak edýärler. Sebäbi gadym wagtlarda Dah diýip atlandyrylýan halk şu töwereklerde ýaşapdyr.

***

**Rumuň tagtyna – Hebeş soltany,**
**Käbe metjidine galmyk ýaraşmaz.**

Hebeş-Efiopiýa-Afrikanyň gündogarynda ýerleşýän ýurt. Afrikanyň şahy diýlip atlandyrylýan ýarymadada orun alan Efiopiýa demirgazykda Eritreýa, demirgazyk- gündogarda Jibuti, gündogarda Somali, günortada Keniýa, demirgazyk-günbatarda Sudan we günorta-günbatarda Günorta Sudan bilen araçäkleşýär.Görşümiz ýaly, akyldar bu ýurduň halky, ilaty barada düýpli maglumatlary bilipdir.

***

«Derman, ýaranlar»:
**Mejmagyl-Bahreýne hasyl bolup men,**
**Muş ýarypdyr, salym weýran, ýaranlar.**

Mejmagyl-Bahreýn-iki deňziň birleşýän ýeri. Rowaýatlara görä, ol ýer Musa pygamber bilen Hydyr alaýhyssalamyň duşuşan ýeridir. Bu ýer Gurhanda «Iki deňziň birigýän ýeri» diýip görkezilýär. Jelaleddin Rumynyň «Mesnewisinde» bu barada şeýle bellenen: «Dünyada acı ve tatlı deniz var. Aralarında bir perde var ki birbirlerine taşmaz karışmazlar ( Dünýäde ajy we süýji deňiz bar. Aralarynda perde bardygy üçin biri-birleri bilen garyşmazlar)». Nil derýasynyň suwunyň Ak deňze dökülýän, ýöne duzly suw bilen garyşmaýan ýeri: Ras el-Bar şäheri.

***

**...Ogludyr Müsür soltany,**
**Misli Ýusup Züleýhany**
**Söýen dek söýmüşem seni.**

Müsür — Ýegipet-Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda we Sina ýarymadasynda ýerleşen döwlet. Arapça «misr»- «şäher» diýmekdir. Paýtagty Kair. Bu setirler bize dana Pyragynyň özünden öňki ýazylan eserlerden habarlydygyny doly subut edýär.

Şeýle setirleri näçe sanasaň sanap oturmaly. Özi hem toponimleriň käbirleri seýrek ulanylman, şahyrymyz olary birnäçe gezek şygyrlarynda getiripdir. Mysal üçin, biziň salgylanan edebiýatymyzda «Jeýhun» sözi 9 ýola, «Hindistan» sözi 15 gezek dürli ýerlerde agzalýar.

XVIII asyrda ýaşan beýleki klassyk şahyrlarymyzyň, mysal üçin Andalybyň dessanlaryndaky toponimlere ser salanymyzda, dessanlarda duş gelýän ýer-ýurt atlarynyň agramly bölegi Müsür, Kengan, Arabystan, Nejd dagy, şähri-Berber ýaly daşary ýurtlaryň atlary. Emma Magtymgulynyň döredijiligindäki toponimleriň ýarysy diýen ýaly Türkmenistanyň çäginde ýerleşýär.

Magtymguly Pyragynyň ýaşan zamanasynda öz ýurduňy, dünýä ýurtlaryny bilmek köp okamagy talap edýän bolsa gerek. Aragatnaşyk serişderiniň pes, internet torunyň ýok döwründe şonça maglumaty diňe kitaplardan öwrenip boljakdygy hemmä mälim bolsa gerek. Häzir biz sanly ulgamyň ösen döwründe, maglumatlar eýýamynda ýaşaýarys. Biz şonça ýer-ýurt atlaryny bilýärmikäk, özem ähli aýratynlyklary bilen?!

Şu aýratynlyklar şahyryň pähim-paýhas ummanynyň has çuňdugyny, näçe öwrendigiňçe, onuň dünýäsine aralaşmagyň has çylşyrymlydygyny, maglumatlaryň biziň öwrenerimizden has köpdügini, beýikdigini subut edip, Magtymguly Pyragynyň derejesini ýene bir gezek ýokary göterýär.

**Akgyz ANNAÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**IV ýyl talyby.**

## TALYBYŇ ÝANDEPDERÇESINDEN

# Göwünleriň eýesi




Harplary tanadyp, hat ýazmagy öwreden ynsana, ilkinji duýgularymy bir ýere jemläp «Mugallymyma» diýen ýazgy bilen hat ýazypdym.

***

Elipbiýdäki harplaryň hersini aýratynlykda öwrenen günlerimiz «K» sesiniň şekilini çekmek maňa juda kyn düşüpdi. Emma siz meni şol harpy owadan ýazmaýandygymy aýdyp gynandyrmadyňyz-da, başgaça çemeleşdiňiz. Harplyk baýramynda «K» harpy bolmagy maňa ynanypdyňyz. Köpçüligiň öňünde içinde «K» sesinden ybarat bolan sözleri biri-birine birikdirip aýtmagy başaran günüm, onuň şekilini çekmegi-de öwrenipdim.

***

Mugallymyň her okuwçysyna eden ýagşy dilegi hasyl bolýan eken. Siz bir gezek tagtanyň ýüzüne «Kim bolasyň gelýär?!» diýen ýazgyny ýazyp, her birimiziň aýratynlykda pikirlerimizi diňläpdiňiz. Dürli-dürli jogaplardan soň, «Meniň okuwçylarym maksatlaryna ýeterler. Ana, şol gün «Olar meniň okuwçylarym» diýip size guwanaryn» diýen sözleriňiz hemişe meniň ýanymda boldy.

***

Her gün öýe tabşyran ýumuşlaryňyzy ünsli diňlesem-de, sapakdan soň ýanyňyzda galyp, her birini aýratynlykda kagyzjyga belläp bermegiňizi haýyş ederdim. Maksadym, hatyňyza seredip, siziňki ýaly owadan hat ýazyp bilmegi öwrenmekdi.

***

Gülleri, guşlary, tebigaty, asyl tutuş barlygy söýmegi siz bize bizi söýmek bilen öwreden ekeniňiz...

***

Bizi bizden gowy tanaýardyňyz, emma biz sizi ençe ýyllar geçenden soň tanadyk.

***

Her gün mekdebe gidenimde, ejem: «Mugallymyň ikinji ejeňdir, onuň diýenlerini diňle, ony gynandyrmagyn» diýip, ýola salardy. Sizi gynandyrmazlyk üçin ähli je yhlasymy jemläp okardym.

***

Siz biziň çagalyk hatalarymyzy bagyşlap, ýüregimizde ynsan bolmak duýgusyny döredipdiňiz.

***

Bir gezek synp otagyna eliňiz dürli reňkdäki güller bilen geldiňiz. Bize ol gülleri görkezip: «Gülleriň gözelligi diňe solýança, ysy hem şeýle, siz edil şu güller ýalysyňyz okamadyk günüňiz solarsyňyz, men welin gynanaryn» diýipdiňiz. Bu sözleriňiz hemmämizi ruhlandyrypdy.

***

Siz gijäni ýagtyldyp bilýän ýyşykdyňyz. Ýolumyza şöhle saçyp ýöremegi öwretdiňiz.

***

Soňky jaň dabarasynda, «Uçurym» diýen ýazgyny dakynan günümiz biziň her birimize aýratynlykda aýdan ýagşy dilegleriňiz geljek günlerimize ak ýoldy, bize ynamdy, uly söýgüdi.

***

Ol günlerden ýatlama bolup galan ýekeje zat, olam pursatlaryň suratlarda ýylgyryp galmagy eken. Şol suratlara her gezek gözüm düşende, suratlaryň üsti bilen hem nämedir bir zatlary düşündirmek isländigiňize indi düşünýän. Olar bizi jebisleşdirmegiň, birek-biregi unutmazlygyň nusgasy eken...

Gülnar GELDIMYRADOWA,
žurnalistika hünäriniň
IV ýyl talyby .

# Pikir soraşma

**Ýakynda «Žurnalistikanyň sosiologiýasy» dersini geçýän IV ýyl žurnalistika hünäriniň talyplary «Internet we ýaşlar» atly sosiologik pikir soraşma geçirdiler. Dersde alýan teoretiki bilimlerini amalyýetde barlap gördüler.**

**Pikir soraşma 60 adama niýetlenip, anketalar paýlandy. 53 adamyň beren jogaby boýunça netije çykaryldy. Berlen sowallar arkaly sanly ulgamyň ösýän döwründe ýaşlarymyzyň internet ulgamyny näme maksatlar bilen peýdalanýandyklarynyň, oňa günüň dowamynda näçe wagt sarp edýändikleriniň, internediň haýsy ulgamlarynda has köp wagt geçirýändikleriniň ortaça hasaby çykaryldy.**

1.Siz günde näçe wagtyňyzy internete sarp edýärsiňiz?
-> 0-1 sagat 4,7%
-> 2-4 sagat 15,3%
-> 5-8 sagat 5,8%
-> 9-15 sagat 1,06%

2.Internetiň size gündelik näme zerurlygy bar?
-> Maglumat tapmak: 13,2%
-> Aragatnaşyk: 2,1%
-> Keýpine (güýmenje):4,2%
-> Täzelik:5,8%
->Reklama,şahsy bähbitler:1,06%
-> Ýok:1,5%

3.Internet bolmadyk bolsa, wagtymy ..
........................................ ........................
.........................................sarp ederdim.
-> Ýatardym:1,06%
-> Öý işlerim(nahar...):8,48%
-> Kitap okardym:11,13%
-> Gezelenç:1,5%
-> TV:2,65%
-> Sport:1,06%
-> Ölerdim:0,5%

4.Biz internetden ýerlikli peýdalanyp bilýärismi?
-> HAWA / ÝOK
-> 20,14% / 8%

4.Siz haýsy sosial platformalary we web-saýtlary has köp peýdalanýarsyňyz?
-> Sosial set:13,2%
-> Kitap okamak:3,7%
-> Täzelik:7,4%
-> Kino:2,6%

6.Internetiň zyýanly tarapy.
-> Saglyga zyýanly:6,8%
-> Üns bölünmegi:4,77%
-> Zyýansyz:1,5%
-> Uky ýetmezçiligi:1,06%
-> Çykdajysy köp:1,06%
-> Wagt alýar:12,72%

7. Internetiň peýdaly tarapy.
-> Wagt tygşytlylygy:5,3%
-> Maglumat tapmak:16,96%
-> Ýeňillik:3,18%
-> Elýeterli:2,12%

8. Geçirilýän pikir soraşma siziň garaýşyňyz?
-> Oňyn / Oňyn däl
-> 25,44% / 2,6%

# Talyp kalbynyň joşguny



Men Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň 1-nji ýyl talyby Parahat Batyrow. Maňa 2023-nji – «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda iň uly arzuwlarymyň bir bolan talyp bolmak bagty miýesser etdi. Göwnüme ganat beren, kalbymy heýjana getiren bu ajaýyp wakadan kän wagt geçip-geçmänkä, 2024-nji ýyla gadam basdyk. Täze gelen ýylyň şygary bolsa, Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygrynyň ady bilen baglanyşykly boldy.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ilkinji günlerinden şahyryň mirasyny ebedileşdirmek maksady bilen ýygy-ýygydan konferensiýalar, maslahatlar, bäsleşikler geçirilip dur. Maňa-da şeýle bäsleşikleriň biri ýakynda jemi jemlenen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly hem-de akyldar şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Nesil» gazetiniň redaksiýasy bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň bilelikde yglan eden «Berkarar döwletiň ylham joşguny» atly döredijilik bäsleşiginde ýeňiji bolmak nesip etdi.

* * *

Il-ä seni Aýa deňeýän eken.
Men-ä seni Aýa deňäsim gelenok.
Gel, men seni Marsa deňäýin-le.
Hawa, sen Aý ýaly owadanam,
Akja-da...
Ýöne meni göreňde gyzarýaň-da Mars ýaly.
Seret, men sende iliň görmeýän zadyny görýän.
Hany maňa jogap ber,
Şu söýgi dälmi?!

### TEKLIP

Menden gaçma! Kowalaman.
Öňem birin kowalapdym,
Seret, köwşüm ýama-ýama.

Meni kowalama! Gaçman.
Beýle pikriň baram bolsa
Zyň başdan, taşla.

Gowsy, meň bilen deň ýöre!
Şonda size barar eli saçakly
Ejem gelnejem bilen.

### BAGT

Halkymyz ulaşyp aýdyma-saza,
Sapaly geljegiň erňegindedir.
Beslenip günleri eşretli ýaza,
Ýyllaryň nurana gelmegindedir.

Nurana ýyllara gidirip erki,
Özgerýär adamyň syraty, görki.
Ýöne her niçigem üýtgemän durky,
Kalbyň öňküligne galmagyndadyr.

Kineli, kinesiz bolsa-da ýürek,
Il-günüň ykbalyn urmasyn pelek.
Halkyň takdyryna düşünýän gerek,
Bagt – şol kişiniň barlygyndadyr.

### GIJEKI OÝLANMALAR

Durmuşyň bezegi,
Nirelerden peýda bolduň bagtyma.
Sensiz gaçýar maňa dünýäň gyzygy,
Geçenok-la wagtymam.

Bu gije-de baýguş deýin dikgerip
Otyryn ine.
Gulak goýup sözlerime jikme-jik,
Arzymy diňle.

Äpişgeden jyklaýaňmy,
Çydap bilmän joralaryň jeňine?
Ymyzganyp uklaýaňmy,
Ýa henizem garaşýarmyň jaňyma?

Uzynly gün okuwda-da ýadansyň,
Soňam öýe gelseň birgiden iş bar.
(Referat ýazmaly, goşgy düzmeli)
Hamala sen mollumlaryň gözüne
Uniwersal işgär.

...Sabyr käsäm dolup, ahyr jaň edýän,
Zordan pyşyrdaýaň, tutugrak diliň.
Sebäbi ýap-ýaňy uklan ekeniň,
(...Gürlemäge derek şirinden-şirin)
Uklaýyn menem.

* * *

Häli - şindi girerin men düýşüňe,
Şonda meni gujaklarsyň, öpersiň.
Biziň duşuşmadyk ýermize gelip,
Geljegmize bolsadylar ekersiň:
«Pylan ýerden jaý gurarys täzeje,
Akja reňkli maşyn alarys belki...
O zatlar owarra,
Iň esasy zat —
Sen-ä meňki, menem borun seniňki»

...Oýanarsyň çagalaryň sesine,
Ynanmarsyň bar göreniň düýşdügne.
Töweregňe göz aýlarsyň aňalyp,
Soňam...
Soňam...
Düşünersiň bir zada —
Indi yza dolanmagyň giçdigne.

Meň bilen paýlaşan pynhandan-pynhan
duýgularňy «ýakynlaňdan» gizlärsiň.
Arzyňy diňläre hiç kesi tapman,
Meni gije düýşleriňden gözlärsiň.



Parahat BATYROW,
žurnalistika hünäriniň
I ýyl talyby.

## Söz — uçurymdan

# UNIWERSITETE SALAM AÝDYŇ!

### ÇAKYLYK

Şu derwezäň aňyrsynda dünýä bar,
Bärsinde men durun kitap, depderli.
Doldurmaga geldim bilim ojagna
Ömürboýy mertebe deý göterjek,
Başhaltamyň içindäki ýetmezni.

Häzir bosagadan ätlän badyma,
Garşy alar meni bäş ýyllyk ykbal.
Ol ykbal durmuşyň maňa eçilen
«Talyplyk» adynyň gözli şaýady
Hemem oň bar ömrüm bolmagy ahmal.

Ýoluma nur salyp çykar öňümden,
Mugallym atly parasatly perişde.
Senaly sözleri, agras gözleri,
Öwreder kän zady, çelgi bor olar,
Durmuşda her işde hem irde-giçde.

Birtopar deň-duşa ysnyşar kalbym,
Olary ýyldaş däl, saýaryn dogan.
Göýä perzendi deý jebis maşgalaň
Şeýle bir şadyýan geçer günlermiz,
Olary küýsärin bar zatdan owal.

Her gün gelmek üçin bilim almaga,
Meni çagyryp dur daňlary bilen.
Meni çagyryp dur jaňlary bilen.
Şu derwezäň aňyrsynda dünýä bar,
Şu derwezäň aňyrsynda TDU bar.

Wagtyň akaýşyny. Düýn dälmidi «Salam, uniwersitet!» diýe derwezäňden ädenim. A bu gün bolsa, eýýäm, hoşlaşyk pursady... Asyl nämedir bir zat bilen hoşlaşmak juda çetin. Seniň bilen hoşlaşmak-ha hasam agyr. Çünki sen Kerimberdiniň arzuwydyň... Adam çagalykda eden arzuwlarynyň wysalyna gowşan halaty: «Bu meniň çagalyk arzuwymdy» diýýär. Ýok. Sen Kerimberdiniň özüni bilip eden ilkinji arzuwy. Çaga kalby oýunjak arzuw eder, şokolad arzuw eder... gel-gel her öňünden geçeninde: «Menem şu ýerde okaýsam» diýen arzuwa kökeriläýmez welin, şu ogluň seni arzuwlapdyr. Hawa, Kerimberdiň arzuwy — uniwersitet! Çeper eserlerde obýekti onuň häsiýetine görä nämedir bir zada meňzetmek edähedimiz bar. Meňzedilmek üçin hökman meňzetjek zadyň mertebesi meňzediljek zadyňkydan belent bolmaly. Şonuň üçin saňa meňzedere senden mähriban ýeri tapyp bilmedim. Tapylaýsa-da, saňa muwapyk bolmajagy ikuçsuz. Ýöne agtararyn.

Sen hakda öňem ýazypdym. Şonda her ýeriňde geçmişiň, ägirtleriň yzyny duýýandygymy aýdyp, keşbiňde ýüregiňi görýändigimi aýtmandyrynam. Ol keşp seniň küren-küren oba çalym edip oturan binalaryň keşbi däl. Ol hysyrdysy ýetik, bir topar ogully, gyzly, gelinli, agtyk-çowlukly, ilen-çalanly gojaman ojagyň keşbi. Şeýle şekile syn salan çagyň enäniňkä kybap ýürek görünýär. Onda alada-da bar, buýsanjam bar, mähir-de. Bilýäňmi näme, seni garra deňämok. Sebäbi seň ýüregiň ýaş. Onsoňam seniň gujagyň her ýerine ägirtleriň nazarynyň düşenligindenmi nämemi saňa Gurbannazarlar, Halyllar, Kerimler, Atamyratlar, Ýylgaýlar, Mämmetler... diýesim gelip dur. Okap ýören wagtym käýarym öýden çykyp gaýdanymda, öz ýanymdan aýaklaryma: «Ýör Gurbannazarlara!» diýýänimi duýman galýardym. Bu seniň ägirt ogullaryň ruhunyň sende ýaşaýanlygy üçin şeýledi... ahmal.

Talyplyk döwrüňde okaýan ýeriň esasy öýüňe öwülýär eken. Çünki biz seniň goýnuňda öýde bolýan wagtymyzdan köp ýaşaýas. Munda her kim seniň kanunlaryňa boýun. Täze gelniň atay öýüne gidip-gelşine meňzeş biziňki. Irden gelip, giç-girimde öýe dolanýan wagtymyz az däl. Maşgalabaşylardan çekine-çekine oglanlaryň belli wagtynda öýe ýygnanmagyna çalym edýär nyzamlaryň. Geläýmelimi geläýmeli.

Eýelik saňa gowy gelişýär. «Uniwersitet diýseler, pikir edişimizden-de agzybir maşgala oýumyza gelýär» diýýän uçurymlaň juda kän. Her gezek duşulanda, olar saňa salamam ýollaýalar. Bir wagtlar eýe çykanlaň bu gün ile çykyp ýörler. Olar il-güne ýaraýan ullakan adamlar. Ýöne perzentleriň nirede bolsa-da, goldawyňy gysganaňok. Seniň mähriňde aradaşlygyň tälkewi ýok. Sen söýeniňi söýdürýänlerdensiň. Şunuň özem ýeterlik ahyry. Häzir nesip bolsa «gidemizsoň» (şu sözi kän agzasymam gelenok welin...) seni unudaryn öýdäýme. «Baran ýeriňiz bilen boluň!» diýen ýörelgäň bilen baran ýerimizde buýsana-buýsana adyňy gaýtalaryn. Ýatlar duraryn. Öňümden talyplaryň çyksa halyňy soraryn. Käte-käte gelibem giderin. Men bir zat aýtjak özüňe. Gidesim gelmedi. Ýöne... Nädeýin?!

Ýeri bolýar, ýürek çişirip oturmaýyn. Sag bol hemme zat üçin. Okap ýörkäk, mugallymlaň biri: «Mugallymlar size bilim berýär, siz olara näme berýäňiz?» diýip sorapdy. Şonda topardaş gyzlarymyzyň biri «Salam» diýip jogap beripdi. Şoňky ýaly berenleň üçin hormatym uludyr, salamlaňam iň ulusy seniňkidir. Hoş gal, uniwersitet — TDU!

**Işlem oňat, taplam gurgun,**
**Etmesin meni alada.**
**Unutmasyn ýöne oglun,**
**Batmasyn meň üçin gama-da.**

**«Gelerin diýdi» diýäýiň!**
**Gurby çatan güni — bir gün.**
**Diýdi diýäýiň «gelerin**
**Alyp ele gyzyl, ter gül.»**

**Arzuwymy ýüregimiň**
**Teýinde ýygşyryp goýdum.**
**Juda küýsäp ýörenime —**
**Uniwersitete salam aýdyň.**

### ADAM

Güýzde gülläp, gyrmyz mahmal köýnekli
Gyzlar bäş ýyl bezedi seň gujagyň.
Gyşyň gaýynda-da gülgün öwüsip,
Gyzlaryň parlady tug deý, ojagym.

Baýdak ýaly gelne döndi eslisi,
Eje boldy bagtyn tapyp bilenler.
Şonuň ýaly öýlenip ýaz gülleriňe,
Kaka boldy talyp wagty inerler.

Boýunbagyn mertebesi hasaplap,
Ýigitler başyna geýdi tahýasyn.
Geýmedige ýurdy neneň ynanjak,
Şeýle «merdemlikden» Hudaý saklasyn.

Ýöne talyplaryň juda oňat-la,
Öz öýi hasaplap ördi her säher.
Seni ezizledik, sen bolsa bizi,
Öteweri ynjydan bolsak-da sähel.

Göýä geljek günler barýar ýekirip,
Soňky sözi nädip aýdyp bilerkäk?
Garagolluklary başdan ötürip,
Biz senden neneňsi gaýdyp bilerkäk?

Buýsandyrys entek geler o döwür,
Umydyňy üzme eden tamaňdan.
Hoş gal TDU, hoşal senden bu göwün,
Döretdiň sen talypdanam bir adam.

**Kerimberdi HAKBERDIÝEW,**
**2024-nji ýylyň uçurymy.**



# DURMUŞY ÝEŇILLEŞDIRÝÄN TEHNOLOGIÝALAR



### Hytaýly inženerler uçýan halas ediş halkasyny ýasady

Didiok Makings kompaniýasy TY-3R Flying Lifebooy dronuny döretdi. Täze enjam kwadrokopter bilen adaty halas ediş halkasynyň gibridi görnüşindedir. Halas ediji diňe drony uçuraýmaly, şondan soň apparat heläkçilige uçran adamyň ýanyna özbaşdak uçup barýar we ony howpsuz ýere eltýär. Dron 720p kamera we uzak aralykdan dolandyryş pulty bilen üpjün edildi. Enjam IP68 goragy arkaly, gysga utgaşma täwekgelçiligi bolmazdan, uçup we suwa gonup biler. TY-3R Flying Lifebooy iki adama çenli göterip we sagatda 47 km tizlige ýetip bilýär. Şeýle-de bolsa, uçuş uzaklygy 1,1 km bilen çäklenýär.Adamy halas edenden soň, dron ilki uçan ýerine awtomatiki usulda gaýdyp gelýär. Drony bütin dünýäde eýýäm öňünden sargyt edip bolýar. TY-3R Flying Lifebooy-yň bahasy 11 803 dollar.



### Bir zarýady 180 güne ýetýän iň arzan akylly ýüzügiň satuwy başlandy

Xiaomi degişli bolan Black Shark brendi ilkinji akylly ýüzüginiň satuwynyň başlanandygyny yglan etdi. Enjam apreliň başynda mälim edilipdi.Black Shark ýüzügi metaldan ýasalan, galyňlygy 2,2 millimetr, bu bolsa ulanyşda amatlylygy we rahatlygy üpjün edýär. Enjam ýürek urgusynyň ýygylygyny, ganyň kislorod bilen doýgunlyk derejesini, ýürek ritminiň üýtgemelerini we bedeniň gyzgynlygyny ölçäp bilýär. Kompaniýada ýüzügiň bir zarýadda 180 güne çenli işläp biljekdigini belleýärler. Enjamyň zarýad üçin ýörite gutusy bar.Ýüzük polatdan edilip, gara we gyzyl reňklerde elýeterli. Onuň daş ýüzünde smartfondan täze habarnamalar gelen wagty ýanyp-öçýän ýagtylyk görkezijisi bar. Şeýle hem, smartfony uzak aralykdan dolandyrmaga mümkinçilik berýän panel bar. Onuň üsti bilen aýdymlary geçirip, jaňlara jogap berip we kamerany işledip bolýar.Ýüzügiň bahasy 599 ýuan. Häzirki wagtda ol bazarda bar bolan iň arzan ýüzük hasaplanýar. Satuwlar häzirlikçe diňe Hytaýda ýerine ýetirilýär.




### Tesla-nyň Optimus robotlary ýakynda zawodlarda işläp başlar, soňra bolsa satuwa çykar

Tesla-nyň 2024-nji ýylyň birinji çärýegindäki netijeleri çap edilenden soň, kompaniýanyň ýolbaşçysy Ilon Mask Optimus gumanoid roboty bilen bagly täzelik barada habar berdi. Robotyň prototipleri Tesla-nyň laboratoriýasynda eýýäm dürli işleri ýerine ýetirýär we ýylyň ahyryna çenli bolsa olar kompaniýanyň zawodlarynda hakyky önümçilige gatnaşarlar diýip, Electrek-e salgylanýan iXBT habar berýär. Şeýle hem Mask Teslanyň Optimus-y 2025-nji ýyla çenli üçünji tarap müşderilere satyp başlamak baradaky ägirt uly meýilnamalaryny yglan etdi. Robotyň bahasynyň 25 müň dollardan aşakda bolmagyna garaşylýar.Ýeri gelende aýtsak, Optimus Tesla tarapyndan işlenip düzülen umumy maksatly gumanoid robotdyr. Ol howply, içgysgynç we gaýtalanýan wezipeleri öz içine almak bilen, dürli meseleleri ýerine ýetirmäge ukyply. Kompaniýanyň baş direktory şeýle robotlaryň köpçülikleýin önüme öwrüljekdigine we onuň söwdasynyň soňlugy bilen Teslanyň iň uly girdeji çeşmesine öwrüljekdigine ynanýar. Mask gumanoid robotlaryň bazarynyň 10 ýa-da 20 milliard birlige ýetmegine garaşýar, bu bolsa olaryň sanynyň dünýäniň ilat sanyndan ep-esli köp bolup biljekdigini aňladýar.




### Terjimeçi, söhbetdeş, kömekçi. Samsung we Google geljegiň nauşniklerini döredýär.

Samsung Electronics we Google tehnologiýa ägirtleri bir wagtda diýen ýaly nauşniklere emeli aň funksiýasyny goşup, olaryň ulanylyşynda rewolýusiýany geçirmek kararyna geldiler. Şeýlelikde, Samsung öz nauşnikleri üçin internete birikmezden hakyky wagtda göni gepleşigi sinhron terjime etmäge mümkinçilik berýän Live Translate funksiýasy bilen täzelenme hödürledi diýip, 91mobiles.com portaly habar berýär.Funksiýa Galaxy Buds 2 Pro, Galaxy Buds 2 we Galaxy Buds FE nauşniklerinde Galaxy S24 smartfonlarynyň eýelerine elýeterli bolar. Ony ulanmak üçin Galaxy Buds programmasyny täzelemeli bolar. Funksiýanyň işe giriziljek senesi heniz belli däl.Başlangyç tapgyrda terjimeçi diňe iňlis, ispan, fransuz, italýan, hytaý, ýapon we koreý dillerini goldaýar.Şol bir wagtyň özünde Google hem nauşniklere öz täze Gemini çat-botyny birikdirmäge taýýarlanýar. Bu emeli aň modeli Google Assistant bilen deňeşdirilende has ösen funksiýalara eýedir diýip, 9to5google belleýär.Bellenilişi ýaly, geljekde emeli aňly nauşnikler diňe bir terjimeçi hökmünde adamlara dürli dillerde gatnaşmaga kömek etmän, eýsem akylly söhbetdeş bolup, ulanyjylara işleri meýilnamalaşdyrmak, söwda etmek we maglumat gözlemek ýaly dürli işlerde kömek eder.



### Honor smartfon we göz arkaly ulagy dolandyrmak üçin emeli aň funksiýasyny hödürledi

«Honor» kompaniýasy ulanyja serediş we smartfon arkaly awtoulagy dolandyrmaga mümkinçilik berýän emeli aň esasly innowasion tehnologiýany hödürledi. Bu barada «GSMArena» portaly habar berýär.Tehnologiýa smartfonyň frontal kamerasynyň gapdalynda gurnalan 3D ToF skaneri arkaly ulanyjynyň göz hereketlerini seljerýär we olary awtoulag buýruklaryna öwürýär. Tanyşdyryş wideosy ulanyjynyň motory nädip açyp we öçürip biljekdigini, şeýle hem «Honor Magic 6 Pro» smartfonundaky programmanyň ýörite nyşanlaryna 2-3 sekunt seredip, maşyny öňe we yza süýşürip biljekdigini görkezýär.Şeýle-de bolsa, häzirki tapgyrda awtoulagy, şol sanda, onuň ruluny doly dolandyrmak mümkin däl. Mundan başga-da, tehnologiýa häzirki wagtda diňe Hytaýda tanyşdyryş prototipi hökmünde elýeterlidir. Adaty ulanyjy bu funksiýany peýdalanyp bilmez. Awtoulagdaky şeýle mümkinçilikler geljekde, mysal üçin, howa gözegçiligini dolandyrmaga kömek eder, munuň üçin eliňi ruldan aýyrmagyň zerurlygy bolmaz. Şeýle çözgüdiň ýol hereketinde näderejede ygtybarlydygy aýan edilmeýär.«Honor» kompaniýasy emeli aň çözgütleri barada has giňişleýin maglumatlary fewral aýynyň ahyrynda geçiriljek «MWC 24-de» paýlaşmagy meýilleşdirýär.



### ABŞ-da «akylly» gulakhalkalar oýlanyp tapyldy

Waşington uniwersitetiniň (WU) alymlary saglyk görkezijilerini ýygnamak üçin döredilen, dakynyp bolýan tehnologiýanyň täze görnüşli konsepsiýasyny döretdiler. Bu barada ýokary okuw mekdebiniň web-sahypasynda habar berilýär. Hünärmenler gulaga berkidilýän we dürli maglumatlary ýygnamaga ukyply «akylly» gulakhalkalary taýýarladylar. Ilkinji nobatda, enjam ulanyjynyň we daşky gurşawyň temperaturasyny ýazga alar. Alnan maglumatlar stresi, keselleri, fiziki işjeňligi, iýmitleniş endiklerini ýa-da aýallaryň saglyk tendensiýalaryny yzarlamak üçin peýdaly bolar.Taslamanyň awtory, aspirant Sýuýue Sýueniň bellemegine görä, WU-nyň alymlary tarapyndan oýlanyp tapylan gulakhalkalar saglyk barada maglumatlary bilege dakylýan «akylly» sagatlardan we fitness trekerlerinden has takyk ýygnaýar. Bu artykmaçlyk alty meýletinçiniň gatnaşan barlagynda tassyklanyldy.

Materialda «akylly» gulakhalkalaryň bir zarýadda 28 güne çenli işläp biljekdigi aýdylýar, enjam Bluetooth arkaly smartfona maglumatlary geçirýär. Hünärmenleriň bellemeklerine görä, olar geljekde awtonomlyk meselesini doly çözerler: enjam Gün energiýasy ýa-da kinetik energiýa bilen zarýad alar.

**Sahypany taýýarlan**
**Bägül ELÝASOWA,**
**žurnalistika hünäriniň IV ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Akgyz ANNAÝEWA, Gülşat JORAÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Rejepgeldi ALLAMYRADOW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com